# Ýene Gün dogdy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýene Gün dogdy

ÝENE GÜN DOGDY

Gör nähili oňat,
Ýene Gün dogdy!
Siňe baksam onuň dogşy enaýy.
Älemiň garnyndan "perdäni ýaryp"
Dünýäniň üstünde ýakdy çyragy-
Asmana, Zemine ýapyp daraýy.

Daşary, içeri täsin ýagtylyk,
Men muny nämüçin şu pursat duýdum –
İçimde, daşymda otyr bagt gülüp,
Ondan bada alyp käsäme guýdum
Ol goýalyp barýar – serimden uýdum.

Söýýän gök reňkimem girip gök şöhlä,
Gelip gursagymda ýazdy hatyny,
Nämälimlik diýdi "Bil sen çakyňy"
Kyn ýeke çapmaklyk – nesip atymy.

Gör, Gün bolsa barha galyp ýokary,
Zer şöhlesi bilen duýgyma neşter –
sanjyp Sanjalagyň düwmesin oýnar,
Owazyny onuň söýýänler eşder,
Maňa dilmaçlygyn bagş etdi guşlar.

Gulagmyň içinde nowaýy gulak,
Owalarma siňip başga bir göreç,
Başladyp öz-özüm bilen bir göreş!
Gün dogdy – doguldym,
Sen maňa Garaş!..

Oguljemal ÇARYÝEWA.

Goşgular